**Oraz Ýagmyr**

# Sary gulpakly gyzyň ykbaly

Eli dutarly bir ýigit Marynyň "Ýolbarsly" çaýhanasynyň ýanyndan geçýän köçäniň gyrasynda durdy. O ýigidiň gözleri ýanýardy, aýratyn bir timar berlen şar gara murty şöhlelidi. Uzakdan generalyň paýtuny göründi. Ýaňky ýigit köçä has ýakyn durdy we gözlerini paýtundan aýyrmady.Paýtunyň yzky oturgyjynda sary gulpakly rus gyzy töwerege bilesigeliji garap otyr. O gyz ýigidi görenden ýylgyrdy, ýigidem oňa mährem ýylgyryp bakdy-da "sag bol" diýýän ýaly edip elini salgady. Gyzam ýylgyrdy. Baş atdy.Paýtun uzakda gözden ýitdi. Beýle pursat soňam birküç gezek gaýtalandy.Ýigit sary gulpakly general gyzyny göresi gelip, özge dünýäden sowap başlanyny hem duýmady.Bir gije "Ýolbarsly" çaýhanasynda gözlerini ýumup, , "Gözelim" diýen aýdyma gygyryp otyrka, birden gözlerini açdy weli, gapynyň bosagasynda şol sary gulpakly gyz ýylgyryp dur. Bagşy aýdymyny kesdi.Ýerinden turdy.Gyz ylgap geldi-de bagşynyň golundan tutdy.

--Sen beýik bagşy.Adyň näme?

--Garly.

--Karli, meniň doglan günüm şu aýdymy aýdyp berermiň?

--Çagyrsaňyz aýdaryn.

--Men seni çagyrýan. Juma güni agşamlyk hökman bize gel.

Sary gulpakly gyza ýakyndan bakyp, onuň erem bagy ýaly ýakymly ysyna aklyny ýitirip duran bagşy özüni bütinleý unutdy. Töwerekde aýdym diňläp oturan märeke-de bu wakany görüp geň galdy.Şo mahal general gaharly ýöräp jaýa girdi.Hiç kime garaman, göni gelip, gyzynyň elini bagşynyň elinden siltäp aldy-da, daşary ýöräp ugrady.Gyz öýden çykýança bagşydan gözüni aýyrmady.

--Kaka men bagşyny doglan günüme çagyrdym. Ol hökman bizde aýdym aýdar .

General geplemedi. Zarply ýöräp, gyzyny süýräp diýen ýaly idirrikledip çykdy gitdi. Paýtuna münensoňlar general gaharly bolsa-da özüni saklady.

--Gyzym, sen meni masgara edýäň. Saýrylar bilen beýle gepleşmek bolmaz.Seniň aklyň ýetmeli ahyry.Wagşylykdan saýlanmadyk sürä ýakyn durmak bolarmy?!

--Kaka! Beý diýme! Türkmenler paýhasly halk.Siz olary gyryp, watanyny elinden alypsyňyz.Men Merwe gelenim bäri olaryň dilini öwrenýän. Ýaňky sazy bir diňlän bolsadyň, kaka! O bagşy hem beýik bagşy…

--Gyzym, rahatlan. Ýene bäş-alty aýdan biz Peterburga döneris. Fransuz dilinden sapaklaryňy dowam edersiň, piano çalarsyň.

--Maňa türkmen dilinden başga zat gerek däl.

--Sen kakaňy bütinleý äsgermän başladyň, Şura jan. Sen biziň ýeke-tägimiz ahyry. Ähli zat gül ýaly bolar, meniň gumrujygym.

--Elbetde.Ýöne meniň doglan günüm o bagşy hökman aýdym aýdar.

General dymdy. Öýlerine gelenlerinde gyzyny paýtundan düşürip, paýtunça bir zatlar pyşyrdady. Paýtunçy:”Bolýa,bolýa” diýip baş atdy-da paýtuny göni “Ýolbarsly” çaýhanasyna baka sürüp gitdi. Çaýhana baryp bagşynyň gulagyna bir zatlar pyşyrdady-da ýom-ýok boldy.

***

Anna güni gelip ýetdi.Kakasy bu gün adaty günlerden has ir işe gitdi. Sary gulpakly gyzy ony görmän galdy. Günortan hem kakasy nahar iýmäge gelmedi. Şura muny ýagşylyga ýormady. Öýländen başlap gaty birahat hereket edip başlady. Tız-tizden howlynyň daşyna çykyp, ýola uzak-uzak garap başlady. Ejesi muny göz astyndan synlasa-da bilmedik-duýmadyk boldy.

Şura uzak takat edip bilmedi. Öý hyzmatyny edýän bir oglana pişigiň gulagy ýaly  kagyzjyk berdi-de: “Şu haty nirede bolsa tap-da Karli bagşa tiz gowşur” diýip berk tabşyrdy. Hyzmatkär Garly bağşyny “Ýolbarsly” çaýhanasyndan tapman öýüne bardy.Haty gowşurdy. Garly bagşy bukjany açyp:” Karli salam. Men seniň geleriňe sabyrsyz garaşýan.Tiz gel. Men seni söýýän” diýen ýazgyny okady.Ýüzi gyzyp  gitdi. Onsoň özi bir kagyzjyga bir zat ýazdy-da hyzmatkäre uzatdy.Az wagtdan hyzmatkär  ýaňky bukjany Şura gowşurdy.Hatda şeýle ýazgy bardy:”Şura salam.Men hassalygym sebäpli ýaş toýuňa baryp bilmeýärin. Sen meni däl, başga bir  rus ýigidini söý.Men seni söýüp bilmen.” Şura bu ýazgyny okandan:”Ýalan.Ýalan.” diýip gaty gepledi. Derrew paýtun taýýarlamany hyzmatkäre buýurdy-da  az salymdan geýnip, paýtuna münüp gitdi. Ejesi, biçäre, gyzynyň bu howsalasyny gördü-de ýene sesini çykarmady.”Gyzyma bir bela ýolukdy öýdýän” diýip oýlandy.

Ýolda Şura paýtunça birküç gezek”Bolsana!Bolsana! Gamçylasana!” diýip, ikiýana bakdy gitdi.Paýtun Garly bagşynyň howlusynyň deňinde durdy weli, Şura uzyn köýneginiň etegini çekip, örän tiz düşdü-de hiç bir çekinmesiz, göni howla girip gitdi. Bu howla öň gelip ýören ýaly, beletlik bilen, Garly bagşynyň bolýan otagynyň gapysyny açdy-da “Karli!Karli” diýip, otaga kürsäp girdi. Şurany gören Garly bagşy tiz ýerinden turdy-da Şura baka bir ädim hem ätlemänkä, Şura ony gelip gujaklady, maňlaýyny, çekgelerini gyzgyn aýasy bilen sypaşdyrdy, ýanyp duran gözlerini Garly bagşa dogrulady.

--Sen meni söýýäň-ä.Gözleriňden okaýan. Janyň sag ekeni,Hudaýa şükür.

Bu arada Garly bagşy Şuranyň gujagyndan çykjak bolup, ysgynsyz-göwünsiz hereket etdi.Bolmady.Bir zatlar diýjek boldy.Bolmady.Şuranyň köz ýaly bedeni ony

gysyp-gowrup , aňkasyny aşyryp barýardy. Şura bolsa aldygna samraýardy.

-- Sen maňa kakamyň öwreden zatlaryny aýtma. Seniň adyňam owadan ahyry,Karli. Sen meni söýýäň-ä. Başga zatlar hiç zat. Söýgi ikimizi-de halas eder. Men diňe seni görýän, maňa başga dünýä gerek däl. Hany geplesene, dymmasana.Seniň gözleriňden men köp zat okaýan.Maňa şo gözleriň ýeterlik, Karli.Ağşam hökman bize gideris, başga gep ýok.

--Kakaň razy bolarmy?- Garly bagşy pyşyrdap sözledi.

-Brawo.Razy bolar, razy bolar.Men onuň ýeke-täk perzendi ahyry. Sen diňe meniň aýdanymy et, kakamyň oýunlaryna goşulma. Hazir gidýäs, ezizim. O meni henizem çagadyr öýdýär. Sen bizde şo aýdymy aýt, ýene näme aýdym bilýän bolsaň aýdarsyň. Karli! Karli! Sen tolgunma, çekinme. Ähli zat biziň isleýşimiz ýaly bolar.Sen meniň dünýäm ahyry.

Garly bagşy çekine-çekine Şura gyzyň altyn reňkli, burum-burum saçyny emaýja sypap-sypap goýberdi welin,Şura bu bagtyýarlygyna çydap durup bilmän, beýlede söýelgi duran dutara okduryldy.

--Ýör-ýör, häzir gideli.Men seni ejem bilenem tanyş etmekçi. Ejem örän gowy adam. Ol kakama aýdanyny etdirer.Ikimizi goldar.

--Sen gaty görme, Şura.Men generaldan çekinýän. Seniň doglan günüňde Size barmaryn diýip söz beripdim.

--Beýle zatlar kakamyň oýunlary. Hiç çekinme.Men ýanyňda ahyry.Onsoňam biz günäkär däl ahyry.

Şura Garly bagşynyň elini gysyp yzyna tirkäp barýarka, Garly bagşynyň beýlede ýatan ak telpegini hem ýüzugra garbap aldy-da Garly bagşa geýdirdi.

--Karli! Karli! Sen owadan ýigit. Sen mydama owadan bolarsyň. Karli, berekella!

Aşyk-magşuk ýuwaşja ýöräp paýtuna ýakynlaşanda, öňde paýtuna goşulan atyň ýorgalap gelýäni, üstünde-de generalyň oturany aýyl-saýyl göründi. Garly bagşy gaty birahat bolup, bir Şura, bir-de generally paýtuna howsalaly bakyp başlady.Muny şobada duýan Şura :”Karli, ähli zat gül ýaly.” diýdi. Yzýany hem generalyň lowurdap duran paýtuny bularyň deňine gelip durdy.General gaty gaharly göründi.

--Şura, eglenme, meniň paýtunyma mün!

--Ýok, kaka, men Karli bilen bile barmakçy.

General paýtundan haýbatly düşdi weli, Şura Garly bagşyny gujaklady.

--Seniň garşylygyň peýdasyz, kaka. Men çaga däl.Ikimize ak pata ber, kaka!Bize garşylyk görkezmäňi kesäý, kaka!

General öz gyzyna hem-de başyny aşak salyp, generala bakyp bilmän duran Garla örän zäherli bakdy. Orta ýolda gowga turzup durmany uslyp görmedimi-nämemi,ýa-da gyzynyň gylygyna beletligindenmi, paýtunyna gazap bilen mündi-de geçdi gitdi.

Garly bagşa jan geldi. Ol bütinleý üýtgedi.Şuranyň elinden tutup, oňa mähremlik bildirip paýtuna mündürdi.Özem Şuranyň ýanynda oturdy.

--Ýör, gideli, Şura! Seniň üçin men dowzahda aýdym aýtmaly bolsam-da giderin.

--Ýör,ýör.

Paýtun tiz ýöränsoň, ýelginine o jadylaýjy sary gulpagyň burumlary hä bu ýana, hä o ýana owsun atdy, ahyrda-da Garly bagşynyň ýüzüni tutuşlygyna örtäýdi.Ýüzünden gulpaklary emaý bilen aýran Garly bagşy hem, saçlaryny ýele dagytmajak bolýan Şura hem bir-birine teşne ýylgyryşdylar.

General howlusyna girenlerinde ejesi ýaşlary güler ýüz bilen garşylady.Şura muňa monça boldy. Ol Garlydan biraz öňe ylgap baryp ejesini gujaklady we gulagyna bir söz pyşyrdady.”Goýsana, gyzym.” diýip,ýylgyryp garap, Garla baka ýöredi.

--Geliň, geliň.Geçiberiň. Gyzym sen myhmany piano otagyna eltäý. Piano çalyp ber.Gyzykly bolar.

--Meniň ejem altyndandyr.Ejeme Swetlana Wladimirowna diýýärler. A bu ýigit Karli- Şura piano otagyna barýarka bu sözleri aýtdy we Garly bagşynyň goşaryndan mäkäm tutup gitdi. Tä çagyrylanlar gelişýänçä Şura dürli sazlar çalyp, saz hakda gyzygyp gürrüň berip, Garly bagşyny güýmedi . Garly bagşy general geläýse özüni nähili tutmalydygy hakda oýlandy.”Näme bolsa-da Alla bardyr.Ölmelem bolsa, Sura üçin ölerin” diýip oýlanýardy. Bir salymdan Şuranyň ejesi gelip ýaşlary stol başyna alyp gitdi.Oturanlar ör turup, el

çarpyp Şuranyň doglan gününi gutladylar. Şura Garly bagşa üns çekdirjek bolup, onuň adyny birküç ýola aýdyp, meşhur türkmen bagşysy diýip tanyşdyryp çykdy, emma oturanlar Garly bagşa şeýle sowuk garap göýberdiler. Şuranyň göwni üçin baş atan boldular. Ýiti nazarly Şura bu ahwaly şobada duýdy.Kakasynyň bu dabara gelmän, göwne degýäniniň üstesine, bularyň hem Garly bagşyny äsgermän oturyşlary onuň biraz gaharyny getirdi. “Içiniz ýansyn. Siz şeýtseňiz, men beýderin” diýýän ýaly, Şura ylgap gidip, Garly bagşynyň dutaryny getirdi-de:”Karli,Karli! Hany şo meşhur aýdymy aýdyp bersene, beýleki aýdymlaryňy, sazlaryňy hem arkaýyn aýt, bu taýyny öz öýüň ýaly gör.” diýdi. Garly bagşy başyny dik tutup, “Gözelim” diýen aýdyma başlady.Aýdym başlansa-da hümürdi ýatmady weli,Şura başam barmagyny dodagyna kese goýup,”Sesiňizi goýuň” dýen yşarat etdi. Garly bagşy şu gezek bu aýdymyň öz ykbalynda öwrülişik döredip biljek derejede möhümligine göz ýetirdimi, ýa-da öz içki

joşgunyna bäs gelip bilmedimi-nämemi, gaty ýokary heňde aýtdy we sesiniň beýle belent ýaňlanyşyna özi hem haýran galdy. Aýdym tamam boldy weli, Şura şobada turup,”Brawo!Brawo!” diýip gaýtalap, Garly bagşynyň arkasyna kakdy. Beýleki oturanlara garap: “Ine, gaýtalanmajak sungat” diýip batly sözledi. Garly bagşy ýene birküç aýdym aýtdy, aýdyp otyrka-da kämahal Şura bakyp ýylgyrdy, Şuranyň bu aýdymlara-da ýürek berşini synlady.Şura tutuşlygyna duýgular ummanynda ýüzýärdi.Garly bagşy muňa aňryýany bilen göz ýetirdi. Aýdym tamamlananda sazyň arasyny üzmän, meşhur”Hajy golak” sazyna başlady.Gözleri ýumuldy.Garly bagşy bütinleý özüni unutdy. Düýgularyň joşguny ony iki ýana yralap başlady.Şura doňup galdy.Ol bu sazy ilkinji gezek diňleýärdi, asla bu jelegaýlarda beýle çuň pelsepeli saz bardyr diýip gümanam etmeýärdi. Hälden bäri Garly bagşyny bu üýşmeleňe gerekmejek keseki görüp oturanlaram dymdy.Şuranyň ejesi elindäki akja ýaglyk bilen

gözýaşlaryny duýdurman süpürip goýberdi.Şura aýalary bilen gözlerini ýapyp, başyny egip otyr.Ahyry saz tamamlandy.Bagşy ýüzüniň derini birküç ýola süpürdi-de başyny egip oturdy. Az salymdan Şura bagşyny gujaklap:”Sen beýik ussat,Karli” diýip, pyşyrdap diýen ýaly sözledi.Birdenem serkerde geýimli, kyrk ýaşlaryndaky adama bakdy-da:”Siz, baryňyz türkmenleri wagşy hasaplaýaňyz. Bu ýalan! Şeýle sazy döredip bilýän, saza şeýle ýakyn milletem wagşy bolarmy!? Ýalan!Siziň özüňiz wagşy. Siz olary gyryp, watanyny elinden aldyňyz.

Şuranyň ejesi tiz ýerinden turup, ylgap baryp,gyzynyň arkasyny sypalap:”Köşeş, gyzym, köşeş. Ähli zat gül ýaly” diýdi. Şura gözýaşlaryny süpürip, rahatlanan ýaly boldy.Emma ýene şo harby geýimlä bakdy-da birden gaty gepläp başlady.

--Elbetde, hakykat göz çokalaýar. Men muny kakama-da aýtdym.Kimdir biri dogrusyny

aýtmalydyr ahyry.—Şura Garly bagşynyň eline elini goýup oturdy.”Karli, bagyşla, seniň keýpiňi bozaýdym öýdýän.Biz bagtly bolarys,şoňa ynanýan.”

Bu oturylyşyga biraz sowuklyk aralaşanyny duýdy öýdýän, harby eşikli kişi ýerinden turup, elindäki şeraply pyýalany ýokary göterdi.

--Zenanlar we jenaplar! Men şu pyýalany eziz Şurajygymyzyň bagtly bolmagyny diläp içýärin. Galan zatlar düzeler gider.

General gelmänsoň, Garly bagşynyň beýle öňe geçirilmegine içki garşylyklary güýjänsoň, gelenlerondan-mundan gürrüň edip, uzak oturman dagadylar. Garly bagşy hem turarmen boldy weli, ony Şura goýbermejek bolup köp dyzady, ahyry, ertir duşuşmak şerti bilen, Garly bagşyny howlynyň daşynda garaşyp duran paýtuna mündürip goýberdi. Emma paýtunçy paýtuny Garly bagşynyň öýüne däl-de, generalyň işleýän ýerine sürdi. Paýtundan düşdüler weli, bir rus esgeri ylgap

geldi-de “Ýaragyň barmy?” diýip, jogaba-da garaşman, Garly bagşynyň bütin bedenini aýasy bilen basyşdyryp çykdy. Ýarag tapylmansoň, yzyna düşürip, jaýa girip gitdi.Bir peşeneli gapydan girenlerinde garşysynda general zerli pogonlaryny şem yşygyna ýaldyradyp otyr. Garly bagşynyň salamyna jogap bermän,”Sen näme üçin tabşyrylan işi etmän, meniň maşgalama azar berdiň, bizi birahat etme diýildi ahyry” diýip, uzak gürrüň edildi. Garly bagşy hem öňküler ýaly ýygrylmady.”Meniň Size, Şura gyzyňyza hormatym uludyr” diýip, özüni goramany başardy.Şeýle-de bolsa, Garly bagşyny ýerzemine eltip, demir gözenekli garaňky jaýa dykdylar.Ne oturara ýer bar, ne-de ýatara. Garly bagşy gijäniň uzynlygyny ilkinji gezek zyndandaduýdy. Ýöne küýi-pikiri Şura boldy. Şura zor bilen otla mündürilip Orsyýete ugradylan ýaly duýgy ony heýjana saldy.“Men Orsyýete gidip, ony nireden tapybilerin?!Ýok-la, Şura meni taşlap gitmez-le.” diýip, özüne özi göwünlik berip gördi. “Mejnun

Leýli diýip bedýan çölde çüýremedimi?! Perhat Şirin diýip gara daglar gazmadymy?! Tahyr Zöhre diýip däli derýada akmadymy?!” Daňdanlar bir rus esgeri çeltek gepläp geldi.

--Sen general doçkasyny söýýär aýtdylar.

--Il aýdýan bolsa, ýalan däldir.

--Berk dur. Ýakşy doçka.Gozel.—Ol başam barmagyny gaýşardyp, gowy diýen yşarat etdi-- O general doçka kakasyna komandir. Bir doçka bar.Başka net. Sen baý kişi boljak.General puly çook.-Esger jalbarynyň sag jübüsine aýasyny patladyp-patladyp urdy.

--Nesibedir-dä, näme bolsa görübereris.

Garly bagşy Şuralaryň öýünde turýan topalaňdan habarsyzdy.Şura tä kakasy işden gelýänçä sabyr-takatsyz ikiýana elewräp geçdi. Garşy-garşy ejesini gujaklap, ejesi hem gyzyny gujaklap aglaşdylar.Ejesiniň köşeşdirjek bolmasy Şurany gaýta öjükdirýärdi.Ahyry, ejesi surnugyp,

öz düşegine geçip öli ýaly ýatdy.Şura bolsa ylgap-ylgap daşary çykyp, howlynyň gapysyndan daşary seretdi.Gijäniň bir wagtlary general howla girdi.Ol Şura bireýýäm ýatandyr öýdüp gelýärdi.Gelşine öz otagyna baka öwrüldi weli yzyndan Şura ylgap ýetdi.

--Kaka!Kaka! Bir minut dur.Neneň meniň doglan günümi gutlaman gezdiň.

--O-o, gyzym, gumrujygym, sen ýatmanmydyň. Bagyşla, işler gyssagly boldy.—Kakasy ylgap gelip, gyzyny gujaklady—Meniň ýeke-tägim, meniň melegim, ömrüň uzyn bolsun. Saňa tükenmez bagt arzuw edýän.

Şura kakasynyň gujagyndan silkinip aýryldy.

--Men seni tanaýan-a, kaka. Gaty aýp boldy.Karli ilkinji gezek bize geldi. Sen oňa:”Hoş geldiň” diýmäge özüňde güýç tapmadyň.

-Gyzym, mähribanym…

--Ýok, kaka. Men çaga däl. Nämeler bolýanyny gaty gowy bilýän. Haýyş edýän, meň bilen açyk gepleş. Orsyýetiň harby ministri, hat-da imperatory bolup bilersiňiz, emma, emma Karli ýaly beýik ussat bolup bilmersiňiz.

--Rahatlan gyzym.Menem gaty ýadaw geldim. Bar, otagyňa giripjik ukyňy al.Ähli zat gül ýaly bolar.

General öz otagyna baka ýöräp gitdi. Onuň bu bolşuny gyzy gaty sowuklyk diýip kabul etdi. Öz otagyna ylgap girdi-de ýüzüni ýorgana berip içigip-içigip aglap başlady. Az salymdan ejesi gelip,Şurany gujaklap, bile aglaşdylar.Ýürekler biraz gowzanda:"Men seniň tarapyňda, gyzym.Ýöne biraz sabyr et.Biraz dury başly oýlan. Özüňe keseden bakyp gör. Sen meniň diregim ahyry.

--Ejejan,ejejan! Ýüregim bir aýylganç sowuklyk duýýa. Kakam Karliniň janyna kast eden ýaly bir zatlar syzýan, eje.

--Goýaweri, goýaweri. Kakaň o derejedäki adam däl ahyry. Sen gaty ýadaw, gyzym.Gel bileje ýataly.

Ejesiniň gujagynda ýatsa-da onuň bu gije uklaman, birden-birden turup, daşary ylgap, daşky gapydan ýola garap, ýüz müň pikir-duýgyny neneňsi başdan geçirenini doly ýazmak üçin kagyz ýetmez.Gaty uzaga çeken gijäniň ahyry Gün dogdy. Şura kakasynyň turaryna sabyrsyz garaşdy.Ahyry otagdan çykan kakasyny görüp, oňa baka uzyn köýnegini süýräp ylgady.

--Kakajan! Men Karliniň nirededigini bilesim gelýär.Men onuň bilen görüşmeli.Ol öýündemidir, jany sagmydyr.

--Gyzym, meni kyn ýagdaýda goýma. Her öňýeteniň nirede, näme işleýänini bilmerin ahyry.

--Kakajan! Meniň bile beýle sowuk gepleşme.Karli geljekde Siziň giýewiňiz bolmaly.Ol ýat-keseki däl.

--Rahatlan, gyzym.Bizem seniň bagtly bolmagyňy isleýäs.

Şura öz otagyna girip ýene gözýaş kölüne gark bolup galdy. Onuň duýgur ýüregi Garlynyň başyna bir iş düşenini gizlin habar berýärdi.Garly şeýle ýagdaýdaka Şuraöýünderahat ýatsabolmazahyry.Ol ömürlikGarlahyzmatederindiýip özi özünesözberipdiahyry.Şurahasyrdyklapdaşaryylgady.Paýtun ýok . Diýmekkakasyeýýämgidipdir.Şurakakasyndanbaşgabiriniň ýamanlykedipbiljegineynanmaýar.Öňürtmeli!Öňürtmeli! Azsalymdan ŞuraeýýämGarlybagşynyň ýaşaýanjaýynyň gapysynygaty-gatykakypbaşlady.Jogap ýok, ses ýok. Ylgap ýenepaýtunamündi-degönikakasynyň işleýän ýerinegitdi.Esgerler Şuranygörendensähelbaşegipsalamlaşdylar.Üraolardankakasynysorap, jogabagaraşman ýenebirindenkakasynysorapiki ýanatasady.Ahyry, olaşakda, ýerzeminde ýerleşýänzyndanabakaylgady.Esgerleriň birionuň

öňüneböwetboljakboldyweli, Şuraonybir ýanaitipgeçdigitdi.Garaňky zyndanyň demir gözenegine ýakyn gelen badyna Garly towsup turdy-da “Şura! Şurajan!” diýip tolgunyp gygyrdy-da gözenegiň aňyrsyna geldi.

--Ah Karli! Karlijan! Seni ähli jebirlere duçar eden men boldum.Bagyşla, Karli. Az salym sabyr et, men ähli işi düzederin.—Şo mahal bir esger geldi-de çekinjeň gepläp başlady-Bagyşlaň, hormatly Hanum. Düzgün boýunça biz Sizi bu taýa geçirmeli däl.Wagtlaýynça çykmasaňyz meni türmä atarlar. Ýalbarýan, hormatly hanum!

--Bolýa, bolýa. Düşünýän.Hazir, häzir. Karlijanym sen sabyr et. Men häzir seni boşatdyraryn, bolýamy, Karli?—Şura gözenege elini sokup, Garlynyň çekgelerinden sypaşdyrdy.Soňra daşary ylgady.”Men bilýädim-ä. Karli ikimize kakamdan başga duşman ýok. Beýle beýik ussady zyndana atmaga neneň dözdüň ahyry?! Beýle wagşylyk dünýäde ýokdur.Sungaty horlamak-gan damary

kesmek.”Şura bu duýgular bilen ylgap barşyna paýtuna mündü-de esgerleriň tälim alýan meýdanyna ugrady. Ol bu gezek kakasy bilen çürt-kesik gepleşmek isläp barýardy. Uzakdan kakasynyň gün yşygyna ýyldyrdaýan zerli pogonlaryny görüp paýtunçyny hasam gyssady. Kakasy hem gyzyny uzakdan gördi öýdýän, köpçülikden saýlandy-da gyzynyň gelýän tarapyna ýöräp ugrady.

--Kaka!Kaka! Men seniň wagşylygyňy öňem bilýärdim, ýöne bu derejedeligiňi hiç-hiç güman etmändirin.

--Gyzym, şu mahal hiç zat sözleme. Kabinetde düşünişeris.

--Karlini edil şu pursatda zyndandan çykarmasaň, bütin Peterburga telegraf ýaýratjagymy aýdaýyn.

--Gyzym, sen dälireme! Ýat bir ýerdeligimizi, her ädimimiziň howp-hatarlydygyny unutma!

--Ýalan! Bu halk entek özüniň gul edilenini hem duýmaýar. Karliniň dutardan başga ýaragy hem ýokka zyndana taşladanyňy hiç söz bilen aklap bilmersiň.

General geplemän öz paýtunyna mündi-de ugrady, Şuranyň münen paýtuny hem onuň yzyna düşdi.Iş ýerine gelenlerinde general gyzynyň elinden tutup paýtundan düşürdi. Bile ýöräp iş kabinetine girenlerinde, “Men bir minutdan gelýän” diýip, gapyny daşyndan ýapdy-da başga bir otagda bir harby adama tabşyryk berdi-de ýene öz kabinetine dolandy.

--Ýeri, gumrujygym, hany aýt, doglan günüň şadyýan geçdimi?! Men ýene ötünç soraýan.Geljek ýyl seniň doglan günüňi Peterburgda belläris. Petergofda Baltika kenarynda deňzi synlap oturarys.

--Kaka, sen meni ýene çagasyradyp başladyň. Karlini häziriň özünde boşadýamyň ?

--Kim o Karli? Biziň gol astymyzda hiç kim zyndanda däl. Häzir bir owurt kofe içeli, soňra bileje gideli.Ata-eneňe-de ynan, gyzym. Biz saňa ýamanlyk etmeris ahyry.

--Kaka! Kakajan!—Şura aýalary bilen ýüzüni örtdi- Kaka, men gutarnykly netijä geldim, Men Karlini söýýän, olam meni söýýär. Sen biziň ýolumyzy aç. Biz bagtly bolasymyz gelýä.

General örän syrly dymdy-da ýerinden turup, penjirä bakdy. Şura ylgap gelip kakasyny gujaklady. Joşup gelen gözýaşlar generalyň zerli pogonyna damyp başlady.

--Kakajan! Sen ömrüňde söýüp görüpmidiň?! Bu söýgini bize Hudaýyň özi beripdir. Sen bize garşy bolma, kakaja-an! Maňa Karlisiz ömür derkar dä-äl.

--Rahatlan, gyzym.Ähli zat gül ýaly bolar. Hany, bir owurt suw iç. – Kakasy tiz ýöräp, bir piýala suw alyp gyzyna içirdi. Şura agysyny goýsa-da uly

gözleriniň hanasy gözýaşdan dolup, ýaňaklaryndan syrygýardy.

--Gyzym, isleseň ýör, zyndanlara aýlanaly.

--Hökman, hökman. Men Karlini alyp gitmeli ahyry.—Kakasy gyzy bilen zyndanlara baka ýöredi.Ýolda ol aldygna hoş sözler aýdyp, gyzyny köşeşdirmäge çalyşdy. Şuranyň biraz öň öz gözleri bilen gören zyndanynyň demir gapysy açyk durdy.Şura kakasyna şeýle bir gahar bilen seretdi weli, hat-da köpi gören kakasy hem ýüzüni sowanyny bilmän galdy.—Kaka! Meň bilen syçan-pişik oýnuny oýnama.Karlini nirä ugratdyňyz? Ýa atdyňyzmy?—Şura möňňürip aglap, paýtunyna baka ylgaşlap gaýtdy.”Näme üçin adamlar zalym bolýarka?Ýer togalagynda her kişä ýer bar ahyry.”

Şura kakasyna garaşman, paýtunyna münüp, göni Garly bagşynyň öýüne ugrady. Kakasy bolsa, şo taýda galdy-da agyr-agyr çilim sorup, ýere bakyp, ikiýana ýöredi.Onuňam kalbynda tupan bary gopýardy. Gyzynyň, hakykatdanam, Garly bagşa

aşyklygyna, ol şu mahal gutarnykly göz ýetirdi. Bu hakykat onuň ýüregini çeýnem-çeýnem çeýneýärdi.”Biraz wagtdan Peterburga gaýtjak bolup ýörkäler bu saýry nireden çykdy, nireden ýolukdy?!Mundan nädip dynyp bolarka?!”

General Garly bagşyny zyndandan çykaryp, dogduk obasyna sürgün etdi. Obadan çykmagy gadagan etse-de iki günden generalyň özi Garly bagşynyň ýanyna geldi. Ol gyzynyň däliräp, aklyny ýitirerinden gorkdy.Şuranyň gije-gündiz Garly diýip elenmesi ony şu hereketi etmäge mejbur etdi.General Garly bilen ýumşak gepleşip başlady.

--Garly, sen erkek adam hökmünde meniň ýagdaýyma gowy düşün. Ol biziň ýalňyz zürýadymyz, tizlikde-de Orsyýete gidýäris. Sen musurman, ol hristiýan. Senden haýyşym: “Sen Şura bilen gödek gepleş, özüňi ýigrendir. Ol senden sowaşsyn. Men saňa türkmen gyzyny alarlyk pul bermekçi. Başga näme haýyşýň bolsa bitirerin. Sen

ýöne ony özüňden uzaklaşdyrmany başar. Ol entek çaga ahyry.

--Bizi diňe ölüm aýryp biler. Men Şura üçin zyndan,sürgün beýlede dursun, dowzahda ýanmaga-da taýýar.

-- Ýaşlyk etme.Musurman musurman almalydyr. Ony unutma. Gowusy, sen meniň aýdanymy et. Şonda ähli zat gül ýaly bolar.

Garly bagşy geplemedi.

***

Günler bolsa geçip gidip barýardy.Generalyň Orsyýete gitmeli wagty ýakynlaýardy.Şura bolsa Garly bagşy bilen barha ysnyşýardy.Ol : ”Garla duşmadyk ýyllarym. Garla duşan ýyllarym” diýip, öz ömrüni ikä bölýärdi. Garly bagşy hem Indi Şura pianinoda bir saz çalsa, şobada o sazy dutarynda çalyp berýärdi. Ol bu dünýäni Şurasyz göz öňüne getirip bilmeýärdi. General bolsa dürli ýollar, dürli çykalgalar gözleýärdi. Emma hiç bir hilesi başa

barmaýardy. Ol ýalňyz balasyny bu bedýan çölde taşlap gitmeli boljagyna hiç-hiç ynanasy gelmeýärdi. Emma Şuranyň bolşy ony hasam gama batyrýardy. Garlynyň içini gurşundan doldursa, Şuranyň öljegini hem beýnisiniň bir ýerlerinde gizlin saklaýardy. Bu yşgyň toply-tophanaly açyk söweşden has çylşyrymlydygyna tejribeli general, beýle mesele başyna düşende bilip galdy.Öz gyzynyň gijäni-gündizi bilmeýän Leýli- Mejnun ýaly bolanyna akly ýetmedi. Her dem saýy gyzyndan umydyny üzüp başlady, dogrusy, umydyny üzmäge mejbur boldy. Ol aýalynyň ene hökmünde bu meselä gaty rahat çemeleşişine-de akly ýetmedi. Aýalynyň bir söhbetde: ”Yşkdan ýokarda ýene yşk bar” diýenine henizem düşünmeýärdi. Şonuň üçinem aýalyny doňbagyrlykda aýplaýardy. General Orsyýete gitmeziniň öňýany Şurany uky derman berip, agyr ukladyp alyp gitjek bolup, bu çäräni iňsoňky çykalga hökmünde görüp başlady.

Şuranyň ejesihem,ene ýüregibilensyzan ýaly, gyzynyň gulagynabirzatlarpyşyrdady, aglady, ýenepyşyrdady.
Şuraonybagrynabasypgujaklady.Bile aglaşdylar. Ata-enesiniň birküç günden gidýänligi Şuranyň kalbyna ot düşürýärdi, emma Garlyny ýalnyz goýmak hakda düýşünde-de bir niýet ýokdy. Garly ýanynda bolsa, dünýäniň düzelip gitjegine ýürekden ynanýardy.”Alla aşyklary jübt ýaradypdyr ahyry”

“Ertirgidýäris” diýlengijäniň ýaryndaenesiemaý bilenturdy-da, gözüne çüý kakylan ýalybolup , özgaraňky otagynda çugudypoturan Şuranyseresap ýöräpgapydan çykardy. Beýle ýanda Ikiatly we üçünji atyň üsti boş göründi.Şuranyň ejesi gyzynygujaklapsessizaglady.Boýur-boýur ýaşlariçindäki Şura ejesiniň gujagyndan çykyp, boş ata şeýle çalasyn mündi.Azsalymdanatlylargözden ýitdigitdi. Atlylar “Nirdesiň Akjaguýy?” diýipuzakgijeýörediler.Gündepäňigyzdyrypbaşland aAkjaguýynyň üstündenindiler.Aýal-gyzlarylgaşyp

Şuranybir öýeeltdiler-dederrewtürkmeneşiginesaldylar. Ak ýüzligyzabugyzyl-ýaşyleşiklerhasamowadan ýaraşdy. Nika gyýyldy. Aşyk-magşugy bir ak öýe saldylar. Olar jennete giren ýaly, gijäni-gündizi bilmeýan hala düşdüler.Dünýäni unutdylar. Aşyklaryň başynda bagt guşy pelpelleýärdi. Bu bagt ömürlik berlen ýaly bir duýgy ýaşlaryň kalbynda höküm sürýärdi.Ykbalyň geljekki sahnalarynda Garly bagşynyň müň dokuz ýüz on bäşinji ýylda Topby baýyň ýedi gije-gündizlik toýunda ýigrimi ýedi öküz baýrak aljagyny, müň dokuz ýüz on ýedinji ýylyň gan döküşikli, gardaş gardaşy gyran rewolýüsiýasynyň boljagyny, Şuranyň ata-enesiniň bosgun bolup Parijde açlykdan öljegini, ýigriminji ýyllaryň açlygyndan ýaňa köçeleriň ölüden dolup ýatjagyny, otuz ýediniň basha-baslygynda ýüz müňlerçe adamyň Sibirde çüýrediljegini, Şura gelneje zurýatsyz galmazlyk üçin Garly bagşa başga birine öýlenmek teklibini aýdanda Garlynyň büs-bütin garşy

boljagyny, yzýanyndan ikinji jahan urşunyň elli million adamy topraga dökün edip gömjegini, Şura gelnejäniň “Gözelim” diýen aýdymy, “Hajy golak” sazyny ömriboýy ýüz müň gezek diňlese-de doýman ýaşajagyny, müň dokuz ýüz kyrk ýedide Şura gelnejäniň maşyn awariýasynda wepat boljagyny, ýalňyz galan Garly bagşynyň galan ömrüni özüne ölüm diläp, garyplykda öljegini ýaşlar entek gümanam etmeýärdiler.Hakyky durmuşda Garly-Türkmenistanyň halk bagşysy, meşhur Uly Garly Ilamanowdy, sary gulpakly gyz Şura- Garly bagşa we sungatyna aşyk bolup Türkmenistany öz Watany hasaplan, rus general gyzy Şura gelnejedi.

**Soňy**